# Kyssa -2: poemanyñ dowamy

Category: Kitapcy,Poemalar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kyssa -2: poemanyñ dowamy



Bu ahwaldan ýedi güni geçirip,
Ýüz ýaş Sara ene aş suw içirip,
Hamyla bolundy aý gün ötürip,
Ogul perzent dünýä geldi bilinse.
Ybraýym ibnu Ishak pygamber,
Dünýä ineninde asman zemin ýer,
Müň ýyldyz yşyk ede asmana eýer,
Müň ýyldyz pygamber sany bolunsa.

Ol Sara enemiz ýüz otuz ýaşda,
Amanadyn tabşyrap bakyýe göçde,
Ybraýym nikahda Futura gaşda,
Alty ogullardan urugy bölünse.

Ybraýymyň sekiz ogul perzendi,
Dünýäge ýaýyldy uruglar ýördi,

Hak Halyla ýüz ýigirmi ýaş berdi,
Kenanda mazary köşgi salynsa.

Ishak pygamberu Şamda ülkede,
Ismaýyl Hijazda Mekge ýakada,
Alty ogullary her bir halk ede,
Dünýäge ýaýylan millet bolunsa.

Adam ogly sen bilermiň bu syry,
Ybraýym Allanyň söýen dost guly,
Ynsanlar içinde ýok deňi güli,
Ybraýym halyldan salam alynsa.

* * *

Lut ibnu Hazar hakda setirler,
Zamana günäden aýyp beterlär,
Erkek erkek bile zyna ýatarlar,
Alla gahar gazap zulum salynsa.

Ol zamanda Sadum şanyň iline,
Şeýtan Hashas döwi Zewal tiline,
Hököm etdi erkek erkek biline,
Şeýtan bilen Bahyl zyna bolunsa.

Ilkinji bu günäň beçewazlygy,
Şeýtan ylym etdi hilegärligi,
Zewal but hökümi azaganlygy,
Şeýtan erkek sypatynda gelinse.

Erkek erkek zyna işe gatyşdy,
Aýallar gam boldy ärsiz ataşdy,
Şeýtan ýene kepmir halda ýetişdi,
Erkek halatynyň durky ýasalsa.

Garry kepmip zenananyň biline,
Erkek halat şeklin daňdy tynyna,
Ýene bir zenanaň girip goluna,
Zenan zenan bile zyna kylynsa.

Lut pygamber ol patyşa Saduma,
Alla gazap göndär, halk galar gama,
Bu waka şaýatdyr Lut iti Dina,
Ragda atly düýä söz til açylsa.

Bu gudraty gören bozuk patyşa,
Akly haýran boldy, gamda ataşa,
Wezir wekil bary jadylyk işe,
Diýilip patyşanyň pikrin bozulsa.

Lut pygamber kyrk ýyl azaby pyda,
Imana çagyrdy,ymmatsyz geda,
Girmedi hiç kişi, kapyrlyk juda,
Gezdiler zynahda, şerler bolunsa.

Jebraýyl, Mikaýyl on melek bile,
Luta myhman boldy, ol ýelek tula,
Lut Wahyl aýaly kapyrlyk kyla,
Ol gije habaryn paşa salynsa.

Geldiler azgynu topar halaýyk,
On iki melek ýigit jemaly laýyk,
Pällerin bozdular gördüler saýyp,
Lut gyzlaryn berdi ajap bilinse.

Azgyn ärler päli oglan uşakda,
Lut gamu gussada haýa yşykda,
Girdiler gol salyp bary işikde,
Jebraýyl melegi diýdi bilinse.

Jebraýyl melegi ördi ýerinden,
Gola alyp toprag gumyserinden,
Sepdi päli ýamanlaryň boýundan,
Dört ýüz kişiň ýüzi gara bolunsa.

Jebraýyl melegi pygamber Luta,
Ählisi ýok bolar ogul, gyz, ata,
Ganlary gaýnajak dökülen hata,
Diýdi bu illerden gitmek bilinse.

Daň säher gün seri doguljak saly,
Lutny göterdiler aýal, gyz, maly,
Heläkler içinde Wahyl aýaly,
Mikaýyl ganata salmyş görülse.

Jebraýyl bu ile ses saldy asy,
Ürküden haýwanlar agu garasy,
Gaçdylar ýurt şäher barça balasy,
Ähli ynsan öldi şäher çöwrülse.

Adam ogly sen bir sansyz ömürde,
Ne bar etdiň, ne ýok etdiň döwürde,
Bir pyrsat pikiriňi ol dar gabyrda,
Ne jogap berip bor göçüp barylsa.

* * *

Ishak Safiullah kyssamyz pasly,
Pygamberler urugy Ishagyň nesli,
Zamana bar etdi wagyzlar esli,
Hak ygtyýar etse aýtsam bilinse.

Ishak Safiullanyň ekizdi ogly,
Iýazdy, Ýakupdy atlary dogry,
Ishak Iýazyna pygamber pygly,
Ýakyp Iýaz bilinip pata alynsa.

Ýakybyň bu işi Iýaz ýanynda,
Dogan doganyna kasty malynda,
Gahary gazaby ýandy janynda,
Ýakup mülkün goýup yrak gidilse.

Ýakup Babyl ülkä Fedan ýurdyna,
Lawan daýysynyň dolup ardyna,
Malyna mülküne ýardam ordyna,
Köp ýyllar içinde azap salynsa.

Dört aýal, on iki ogul perzendi,
Bir mähriban gyzy imany bendi,

Şetdat ibn Ymlak gyza göwün erdi,
Ymlak patyşanyň ýurdy harlansa.

Ishak Safiullaň müddeti tamam,
Ýakup pygamberi Kenana zaman,
Ogul, gyz ählisi dolandy aman,
Iýaza Ýakuba mährem bolunsa.

Ýakup pygamberiň ol Ýusup ogly,
Ynsanlar içinde nur çyrag boýly,
How enäň jemaly ýüzden bir söýli,
Ýusup pygambere nesip kylynsa.

Ýakup Ýusubyna yşgy pydady,
Pygamberlik nyşan nury judady,
Hakyň imanynda köňli sedady,
Gysgançlyk dogana zulum salynsa.

Ýakup ogullary pygamber hyrka,
Arzuw hyýalynda on ogly arka,
Ýusup ruýasynda aý ýyldyz ülke,
Baş egip sejdede saýa durulsa.

Bu ruýa Ýakubyň aýal, ogluny,
Gama goýdy ýakynyny kowumuny,
Şeýtan ylym etdi görüňler muny,
Nebis hyýallaryna awy gatylsa.

Pygamber hatyny on ogly bile,
Ýusubyň kastyna bir bolup tile,
Şeýtanyň ýardamy göterildi çöle,
Agalar urdylar Ýusuby görülse.

On dogan urdylar zalymlar kibi,
Ölümin isleýip zulum ede küti,
Bi alaç zyňdylar ol guýa gaty,
Jebraýyl melegi gapmyş bilinse.

Ýakyp pygambere ýalany mysal,

Ýusup böri iýilip bolundy wysal,
Guýydan çykarylyp satyldy bihal,
Gul baha on sekiz bedal salynsa.

Ýusup Müsür ülkä ykbaly sary,
Gul diýip üç müňe satyldy jany,
Faraon patyşaň baş wezir hany,
Potifar Züleýhaň äri görünse.

Ýusup oglanlygy Züleýha raýy,
Ahlak päkliginde köňli Allany,
Ejize howandar, zalymda haly,
Jomart hem adalat zory bolunsa.

Ýusubyň jemaly ynsap päkligi,
Züleýhaň ruýasy gyzka haklygy,
Ykbalyň Müsürde salan täkligi,
Yşk oduna düşüp ýansa ýakylsa.

Ýusup ýigit çagy aýyň taýydy,
Züleýha ol yşgyň sadyk raýydy,
Pygamber köňüli Allah oýydy,
Yşgy Haka saýa sermes bolunsa.

Şeýtan Züleýhanyň köňül çagyna,
Miwe ekdi şirin şerbet bagyna,
Yşgy üçin mündi söýgi dagyna,
Ses berdi bilindi iller görünse.

Ýusup yhlas erdi Alla yşgy üçin,
Züleýha yhlasy şer şöwhet üçin,
Yşk ody ataşa ýandyrar nüçin,
Aşyklyk bir otdyr ýanylar bilinse.

Ýakup Ýusup diýe Kenan ilinde,
Züleýha bu yşkda Müsür töründe,
Ýusup pyda boldy yşgyň ýolunda,
Ýol ýitirip gümra galdy görülse.

Bir gün şa aýaly Züleýha hatyn,
Ýusuba emr etdi zynaha gatyn!,
Züleýhanyň keşbi al arwah itiň,
Ýusuby gorkuzdy, gaçdy gutulsa.

Züleýha Ýusupny kowga ataşy,
Donyn çekip ýyrtdy yzdantutasy,
Baş wezir bu işe aklyn ýakasy,
Züleýha gorkudan töhmet atynsa.

Züleýha daýzasy çykany Zitanyň,
Dil bitmedik çaga sözläp gür anyň,
Ýusup bi günädir diýibän hatanyň,
Ol donuny ýyrtmyş yzdan görülse.

Müsür aýal gyzy yşga düzüldi,
Ýusup jemalyna gollar bozuldy,
Kän hileler azap päller gyýyldy,
Ýusup Hak yşgyna köňli ezilse.

Züleýhanyň meýli gujagy aryp,
Ahyry zyndana çekildi garyp,
Sütem içre galdy ömürde erip,
Zyndan saraýyny ajap saýylsa.

On bir ýyl zyndan içinde tagat,
Ybadat eýledi her pursat sagat,
Imanu, ynsabu, ahlak nesihat,
Düýşleri ýormakda kepil bolunsa.

Şol zamanda Müsür şaha kast eden,
Iki gul zyndanyň saraýyn dadan,
Ol iki kişiler düýş görüp neden,
Ýusuba düýş hakda sala salynsa.

Bu düýşleri Ýusup ýordy bilindi,
Aýdylanlar wagty geldi bolundy,
Apopis dar agaç hüküme salyndy,
Inerus şa köşkde şerap guýulsa.

Müsür şahy öldi, ogly tagtynda,
Buta ynanmazdy iman netinde,
Bir gün agyr düýşiň ahwalatynda,
Ýedi arryk sygyr Nilden çykylsa.

Ýedi arryk sygyr Nilden çykyban,
Mes halda otlanyp hoşdan akyban,
Ýedi semiz sygry sormuş sykyban,
Ýedi bugdaý başy gaçmyş bilinse.

Patyşa bu düýşin halka jar etdi,
Ýorulmakda kän palçylar seretdi,
Ýorulmady gaýgy bile gam etdi,
Şerapkäz Inerus şaha salynsa.

Zyndan içre düýş ýorujy bir ussat,
Diýip habar etdi Inerus gassap,
Bu habar ýetişdi şa köňli gyssap,
Ýusup zyndan içre ýorup berilse.

Zyndan kapasyndan müsür şalygy,
Ýusup pygambere ýetdi baýlygy,
Alla gudratyndan ol ýer balygy,
Çibiniň üstünde goýlup saklansa.

Ýedi ýyl boldukda ekdi saklady,
Ýedi ýyl açlykda halky doklady,
Ýusup bir Allaha dini haklady,
Müsür şa tajinde tagta dolunsa.

Züleýha yşk şeri serhoş diwana,
Ýusup diýip ah uruban perwana,
Garry kempir Alla arzy amana,
Hakyň emri bile nikah salynsa.

Alla gudratyndan Züleýha kempir,
On alty ýaş boldy bir ajabu hüýr,
Haka yşk eýledi dökülmişu nur,
Züleýha Ýusupnyň ýary bolunsa.

Ýakup kyrk ýylyny Ýusuby diýe,
Gözlerin kör etdi gam gussa iýe,
Yusup haýat içre Hak boldy saýa,
Ybraýym donuna gözler görülse.

Ýakup begenç seri Ýusubyn diýe,
Müsür ülkesine toý donun geýe,
Iki pygamberi nazarynda goýa,
Melekler bu toýa ýoldaş gelinse.

On bir ýyldyz bile günu hem aýy,
Şükür sejdesinde ol Ýusup paýy,
Alla isleginde kelam Hak raýy,
Allaha hamd sena razy bolunsa.

Ýakup köp ýylyny Ýusuby bile,
Müsür ülkesinde hoşlukda bola,
Allanyň ýolunda kelamyn kyla,
Ogul, agtyk, çowluk bary görülse.

Alla ne islese bolunar bary,
Ýusup gul eýlendi zyndan azary,
Zyndan ýesirlikden Müsürde kary,
Patyşa hökümi möhri bolunsa.

Adam ogly syna salsaň ömrüňi,
Baýy mätäç goýup kesgir demriňi,
Garyby baý edip, ol baý döwrüňi,
Dagy daşy demiň bozar bilinse.

* * *

Allahym salamym Eýýup habibe,
Pygamber kyssasyn ýazyp nesibe,
Sabyry eşidildi arş-kürs zemine,
Sabyr täjin geýen Eýýup görünse.

Eýýup Ybraýymyň Ishak neslinden,
Ishak ogly Rumyň Rawah aslyndan,

Rawah ogly Magsub ata kysmyndan,
Eýýup pygamberlik Rumda bolunsa.

Eýýup uzyn boýly jemal kamatly,
Mülkli, mally, gurply, täjir syratly,
Garyby doýurmak parz amanatly,
Ejize howandar adyl bolunsa.

Eýýup ýetmiş ýyly mülku baýlykda,
Kyrk ajabu hüýru hatyn öýlükde,
Ýedi ogly, üç gyz perzent söýlikde,
Wagzy iman ybadatda ýörülse.

Şeýtan Alla arz eýledi ýetişdi,
Minnet etdi gyjalaty tutaşdy,
Eýýup mülkin aldy ýele sataşdy,
Ýedi ogly bir pursatda ölünse.

Eýýup namaz çagy teni dartyldy,
Her dartyga iki gutrlar ýyrtyldy,
Alty müň gurt jemal tene örtüldi,
Hassa dertli ilu günden kowulsa.

Eýýup Alla arz eýledi ýetişdi,
Kysmatyna razy boldy tutaşdy,
Kalby, tili, gözi iman ataşdy,
Haka doga etdi kabul kylynsa.

Eýýup pygamberiň haly hassady,
Gurtlar tenin deşip iýip gyssady,
Kyrk aýaldan ýeke hatyn yssydy,
Rahyma wepadar ygrar bolunsa.

Ganym Şeýtan Eýýup üçin birahat,
Gam gussada söweş kyldy galahat,
Meýli amal bilen pygamber rahat,
Haka umyt baglap iman salynsa.

Ýedi ýyl ýedi aý ýedi gün hassa,

Gam hasrat içinde dert bile gussa,
Ogul-gyz, malu-mülk barysy ötse,
Sabyr şerbetinden serhoş galynsa.

Ýedi ýyl ýedi aý ýedi gün soňra,
Jebraýyl jennetden iki şer ýaňra,
Enary, aýwany iýdirdip gör ne,
Alla gudrat bile Eýýup gutulsa.

Rahyma aýaly ogly hem gyzy,
Gutuldy bu dertden hoş boldy yzy,
Sabyr täjin geýen Eýýubyň özi,
Allahym biz gula sabyr berilse.

Adam ogly bu panyda her işiň,
Sakasy sabyrdyr iman hem hoşyň,
Allaga tabşyrmak kanagat başyň,
Şeýtan pursat islär dar gün gelinse.

* * *

Eýýup pygamberden bir uly kyssa,
Behil şah gyzynyň imany hassa,
Kyr Kaýsun bir Alla yşgy höwesse,
Haknyň rowa işi ajap görünse.

Alla Jebraýyldan Eýýuba höküm,
Pygamberlik tagty täjine häkim,
Horan welaýatda şa Behil hekim,
Butparaz pälinden iman kylynsa.

Şa Behil kyrk ýyly bala dilegde,
Eýýube äht etdi şol hal telegde,
Perzendi bagyş etse Alla bilegde,
Butparaz pälinden iman bolunsa.

Alla emri şa Behilniň gaşynda,
Gül açdy aýaly bäbek başynda,
Bir gözel çagany alyp daşynda,

Kyr Kaýsuny atly gyzy görülse.

Şa Behil lebzine wepa ygrarsyz,
Kast etdi ähtine ynsap kararsyz,
Hak Alla bi iman bolynan hyrsyz,
Eýýuby pygamber bilmez bolunsa.

Kyr Kaýsun bir Alla iman edine,
Şa Behil Kaýsuna kast ede dine,
Ölüm zynjyryny saldyryp syna,
Boýy teşne gyznyň goly kesilse.

Ýurtdan kow edile ýeke balasyn,
Zalym şa pyrakdan gamu nalasyn,
Kyr Kaýsun çöllerde Alla halasyn,
Meswil şanyň aw ýolunda görünse.

Meswil şa Kaýsuna yşk seri öte,
Nika şerbetinden ajap toý tuta,
Aşyklar gujakda bir ýigit hata,
Kyr Kaýsa şa ýigit ömür berilse.

Allanyň kelamy Kaýsuna goly,
Owalky şekilde boldy gol teýi,
Kyr Kaýsa ýetişdi tagt içre oýy,
Şa Behil ýurduna hüjüm salynsa.

Şa Behil Kyr Kaýsa ýesir bolundy,
Kyr Kaýsun gyzyny görüp uýaldy,
Gyz golunyň gudratyna daýandy,
Şa Behil tobada iman bolunsa.

Şa Behil ol gyzy Kyr Kaýsun bilen,
Şa ýigit Kyr Kaýsa şa tagta dolan,
Budparaz pälinden Hak Alla bolan,
Eýýup pygambere iman kylynsa.

Adam ogly her zamanu zamanaň,
Hökümi sarsdyrar soltanu danaň,

Müddeti ýaşanda emri damanaň,
Ismi rowaýatda gürrüň bolunsa.

* * *

Kyssa setirlerimiz Şugaýyp hakda,
Salamym pygamber habib niýetde,
Medýen ülkesinde bu geçmiş hatda,
Eýke kowumy oda köýmiş görülse.

Ybraýym ibnu Medýen neslinden,
Sabyt ogly ol Ynaknyň aslyndan,
Ynak ibnu ol Mesgufyň kysmyndan,
Şugaýyp pygamber hakda bilinse.

Eýke kowumy butparazlyk, bihuda,
Şugaýyp pygamber Hak ýolda pyda,
Yhlas ygrar saldy azaby geda,
Alla gahar gazap nazar kylynsa.

Alla Jebraýyldan Şugaýyp üçin,
Medýeniň ýurduna halkyna nüçin,
Bir ses saldyryban kapyrlar için,
Jan jiger titredip maslyk bolunsa.

Ýedi gün gur yssy howry ýalynlap,
Jöwza teşnelikde demler galyňlap,
Bir bulutdan otlar dökdi alynlap,
Eýke kowumy gyrylyban ölünse.

Medýene dolana Şugaýyp habyp,
Musa kelimulla ýurdyndan gaçyp,
Medýende on ýyly Hak ýoly seçip,
Şugaýyp pygamber Musa salynsa.

Adam ogly pygamberler, salyhlar,
Alla depderinde ýazylan taryhlar,
Nije patyşalar öwülen taryplar,
Hany nirde olar, öten bilinse.

* * *

Musa kelimulla Hakyň raýynda,
Ýüzbe ýüz kelamyMusa paýynda,
Owal ahyr pygamberler oýynda,
Alla bilen gürleşen ýok bilinse.

Bu rowaýat Müsür ülkäň ilinde,
Israýyl kowumy Faraon golunda,
Azap ýamanynda sütem zulmunda,
Dört ýüz ýyl ezýetde zora salynsa.

Musa dogulmazdan zamany ozal,
Faraon şahyň bilgiç palçysy gazal,
Jöhit halkdan doguljak ýigitdi azal,
Ýakubyň kowumyna zulum kylynsa.

Dünýä inen ogul bäbek kast boldy,
Ýetmiş müň çagalarmazara doldy,
Nähak gan dökülen zamana galdy,
Müsür şa Faraon zalym bilinse.

Allahnyň gudraty kelamy ança,
Musa kelimulla göwrede gunça,
Ýalançy panyda azaplar kança,
Sebit içre Nilde suwda bolunsa.

Müsür şahFaraon hossar aýaly,
Nil derýada görnen sebit peýaly,
Ol sebitde bäbek muždy hyýaly,
Musa ismin dakyp perzent alynsa.

Şa Faraon ol Musaga hyýalsyz,
Kast içinde gezdi ölüme halsyz,
Alajyn gözleýip mydary malsyz,
Gam peýalda seri serhoş ýörülse.

Şa Faraon ol Musaga kast etmek,
Bir ýanda oýun saç ölüme ýörtmek,

Bir ýanda ot ýalyn ömür syrytmak,
Diýip şerti bolunan mejlis bolunsa.

Musa kelimulla bäbek meýlinde,
Oýun saça bara hyjuw geýminde,
Jebraýyl göneltdi ýalyn köýüminde,
Ot közni agzyna salmyş görülse.

Agzyn otda ýakdy haly kakady,
Bu hikmet ölüme hijap bakady,
Musa pygamberiň tili sakady,
Şa Faraon kapyra atam diýilse.

Pygamber atasy päkdi imana,
Pygamber enesi Hakdy kelama,
Pygamber bajysy ygrary jana,
Musanyň dogany Harun bilinse.

Musa kelimulla Müsür raýynda,
Juwan ömri şa bolçulyk paýynda,
Wezir wekil hyzmatynda ýolunda,
Kysmaty Hak ýola ýollar salynsa.

Bir gün patyşalyk esger bir guly,
Nähakdan zulum ede uruplar ony,
Musa kelimulla gahry gam haly,
Patyşa esgerniň janyn alynsa.

Ýene bir gün şol gul dawa içinde,
Musa kelimulla ol gul gaşynda,
Nüçin dawakär sen diýip başynda,
Gula haýbat atdy näler bolunsa.

Gul jar çekdi nähak esger ganyna,
Musa galdy diýdi ýigit janyna,
Bu habar ýetişdi Müsür şahyna,
Musa nä hak gana galan bilinse.

Owaldan gümanda seri zamanda,

Şa Farafon pursat tapyp gümanda,
Musany kowdular ölüm ede janda,
Müsürden Medýene nesip salynsa.

On ýyly Şugaýyp pygamber bile,
Tur dagda Hak bilen sözleşip tile,
Pygamber gudraty hasada bola,
Müsür ülkesine hökümi bolunsa.

Alla emri şa Farafon gaşynda,
Ýakup neslin azat etmek işinde,
Zalym şa Allaha kasty başynda,
Zulumdan zuluma hallar kylynsa.

Gutrat islän şa Faraon Musadan,
Aždar ýylan gördi gury hasadan,
Goly nuru yş bolundy gün aýdan,
Zalym şa gorkudan erksiz görünse.

Alty aý jadylyk ylymy iş bolan,
Hathat, Musallyny jada baş salan,
Dört ýüz jadygöý hoşluga dolan,
Mejlis mekanynda ne iş görünse.

Ylym jady ede içýan, möý, mary,
Mejlis mekanynda haýranu bary,
Musa kelimulla hasa gol nury,
Aždar mar boluban iýmiş bilinse.

Ähli jady göýlän kapyr gezenler,
Imana baş goýup sejdä düşenler,
Zalym şa Farafon hüküme bozanlar,
Aşýa hem şehitdir dara çekilse.

Haman wezir şa Faraon emrinde,
Bir uly minara dikmiş döwründe,
Çykdy gördi aýy güni ýer munda,
Gurduran saraýu köşgü görünse.

Şa Faraon kast eýledi permana,
Alla gahr eýledi Müsürde jana,
Bir gün güýe ýagdy içmişi gana,
Har etdi tenlerin ýaradar bolunsa.

Ýene bir gün çekirtgäni sil edip,
Ýene bir gün gurbagany dol edip,
Gahar gazabyndan Nili gan edip,
Zulum içre zulum zarlar salynsa.

Musa kelimulla, Harun pygamber,
Hak permany bile gezdiler her ýer,
Zalym şa Faraon Hudaýlyk söýer,
Özün Hudaý eden üçlik görünse.

Alla gazabyndan kopty milletin,
Çaga ýaşlyň ählisiniň müddetin,
Janyn alyp matam etdi döwletin,
Kapyr şanyň ogly ölmiş bilinse.

Şa Faraon bu hikmetden azapdan,
Guduz açdy jan jigeri gazapdan,
Israýylyň kowumy gulu azatdan,
Müsürden kowulyp ýagy salynsa.

Musu kelimulla, Harun pygamber,
On iki uruglaru halk bola her ýer,
Nil derýanyň ýakasynda ilin gör,
Zalym şa Farafon goşun bolunsa.

Üç ýüz müň leşgeri atu ýaragy,
Ýakubyň kowumuna hüjümi tygy,
Musa kelimulla Hakdan byragy,
Hasasyn Nil derýa urmuş görülse.

Nil bölündi daglar kibi dartylyp,
Israýylyň kowumy geçdi sürtülip,
Kapyr şa Faraon kowgy ýyrtylyp,
Üç ýüz müň leşgeri suwda gyrylsa.

Adam ogly bu gudrata syr eýle,
Derýa parran bölünen emrini gör ne,
Şu gürler ýalanmy syrdaşym söýle,
Hakyň işi bu iş jogap salynsa.

* * *

Bu rowaýat dosty Allaň raýynda,
Musa kelimulla Tur dag oýynda,
Haka yşgyn berip küýi roýynda,
Jemalyn görmekde doga kylynsa.

Musa kelimulla yşk şerbet içe,
Allaha ýalbara göz ýaşlar seçe,
Jemalyn görmekde söhbetler açа,
Alla jemalyna dag-düz bozulsa.

Subhan Allaň nury toz eder ýeri,
Ýaradylan barlyk görmezki seri,
Diýip ylym etdi Hak Musa sary,
Musa kelimulla Hak diýip gezilse.

Alla Musa diýdi şol agyr daglar,
Jemalym görmekde erärki aglar,
Ol iki daglara syn etgin çaglar,
Bu uly gudrata melek ýazylsa.

Owalky asmanyň ol melek bary,
Öküz suratynda düzülişdi sary,
Ikinji gat asman melekler şiri,
Daş ýüzün tutdylar nyzam düzülse.

Üçünji gat asman melekler bary,
Bürgüt suratynda gaýymdy sary,
Agzynda ot ýalyn hamd ede Biri,
Musa kelimulla gorkup dartylsa.

Soňra dördünji gat asman melegi,
Ördek wysalynda syrmyş ýelegi,

Bäjinji gat asman hüýrler pelegi,
Hamdu sena kylyp lebbeýk diýilse.

Altynjy gat asman zeminu melek,
Çaga suratynda, pygamber heläk,
Bu işe ýer zemin titreýip pelek,
Düzülişdi sansyzu melek yrynsa.

Ýedinji gat asman melegi munda,
Ynsanu sypatda gelmişler anda,
Ol arşy göteren melekler sanda,
Iki daglar eräp suw ýel bolunsa.

Musa kelimulla Tur dag oýynda,
Seri sermez akyl huşsyz aňynda,
El üzübän hyýal kylynan pälinde,
Bi huş halda gorkysyndan üzülse.

Üç gün ýatdy jansyz misli jesetde,
Dördünji gün gaýgy gamu besetde,
Toba puşmanada pygamber şertde,
Allanyň jemaly nur yş bilinse.

Adam ogly sen bir ejiz garyp aň,
Allah bar eýledi hasap syryn öň,
Kysmatyň kitaby ýazylan ýazgyt seň,
Kadyr Alla pikiriň ýetmez görünse.

* * *

Musa tur dagynda Hakyň raýyndan,
Dolandy mekana ymmatpälinden,
Pygamber dar köňli şirin janyndan,
Allaha şirk salynyp butasyrylsa.

Musa kelimulla Hak din ýolunda,
Nije hupbat çekdi, derdi janynda,
Tur daga gitmezden owal alnynda,
Harun pygambere ymmat salynsa.

Musa kelimulla Tur dagdan gaýda,
Jöhitler kowumy bet pälu peýda,
Altyndan öküzni bar edip raýda,
Allahdan ýüz öwürip näler bolunsa.

Musa kelimulla ymmat, kowumyna,
But parazlyk edip şeýtan emrine,
Iman bozan ähli ymmat samryna,
Gahr eýledi, Hakdan gazap kylynsa.

Musa kelimulla gahar gazapdan,
Allanyň huzrunda derdu azapdan,
Ymmat toba eýläp but paraz nepden,
Alla hökümi ölüm boldy bilinse.

Ol ymmaty Hak ýolyndan bozulan,
Ölüme höküm boldy bary üzülen,
Ogly atasyny kast etmek ýazylan,
Hata işe ganlar dökülip dolunsa.

Ähli günä galan Musa ymmaty,
Ölüm hökümüne düşdi gymmaty,
Alla ýeke şäriksiz goý nygmaty,
Sabyr, takat, iman, yhlas bolunsa.

Alla Musa diýdi sen bu ymmaty,
Haruna amanat saldyň gymmaty,
Allahyňa goýsaň dürsdi her gaty,
Ters etdiň diýibän kelam salynsa,

Adam her zamanda günä maýyldy,
Alla rehmet kylsa, toba kaýyldy,
Her pursat toba gel demiň ýaýyldy,
Pygamberler ne syr saldy bilinse.

Adam ogly bu wakaýa ybrat et,
Her işde Allaha amanat ýöret,
Hakyň hoşy eýesine bu niýet,
Alla rehmeti nä akylyň bolunsa.

* * *

Musa Tur dagynda Haka söýledi,
Alla Töwrat bilen hoşlyk eýledi,
Israýyl kowumy Şamny neýledi,
Kyrk ýyl çölu ýolda sürünip gezilse.

Nüçin kyrk ýyl çöl seriniň ýolunda,
Musa kelimulla ol Tur dagynda,
Hak permany Syna sähra çäginde,
Amalika kowuma hüjüm buýrylsa.

Amalika äpet ynsanbu kowum,
Alladan ýüz öwürip, zuluma düwün,
Musa ymmatyna hüjüme ylym,
Bihuda, zalymlyk zaman bolunsa.

Musa ymmat Amalika kowumyna,
Gorkydan ýüz uryp Hakyň emrine,
Kyrk ýyl çöl ýolynda atyň demrine,
Nygmaty, geýimi Hakdan berilse.

Musa kelimulla, Harun pygamber,
Kyrk ýyl ymmat ýüki çöl içinde ser,
Permanyn tapmadyk azap salynan syr,
Hak permana kim ret eder bilinse.

Adam ogly sen päliňe erk eýle,
Sydkyňy halalu haramdan saýla,
Köňlüň bozma Hakdan imany söýle,
Sorag bolunjakdyr jogap salynsa.

* * *

Bu rowaýat kuran kerimde aýat,
Musa pygamberiň ymmaty şaýat,
Allanyň sesineyşyk küýsäp haýýat,
Hakdan Musa dileg doga salynsa.

Alla dosty Musaň dileg dogasyn,

Kabul etdi ýetmiş kişiň ryzasyn,
Tur dagynda ol ymmatyň yzasyn,
Hak Subhan sesine şaýat bolynsa.

Alla sesin eşiden ol ýetmiş ymmat,
Nesili pygamber, salyhlar nygmat,
Adyl patyşalar hem alym hormat,
Hakdan towfik ygrar iman berilse.

Alla pygamberini söýüp eý görüp,
Sen Allaňy söýseň ol yşdan serip,
Yhlasyň, ygraryň, mydaryň aryp,
Ýedi kelam nesliň aman bolunsa.

Adam ogly sen eýäňe wepa ber,
Eýäň rehmetinden ganylsaň eser,
Jennetiň nygmaty dowamat öser,
Ata-ene, ogul-gyz söýgä dolunsa.

* * *

Musapygamberiň ýaşan zamany,
Bir garyp odunçy hakda namany,
Rowaýatdan saňa maňa syr many,
Ne waka bolunan kyssa salynsa.

Musa kelimulla Tur dagda hijap,
Ybadat içinde hamd eýläp ajap,
Alladan soraşdy odunçahasap,
Odunçyňodun hak rysgy bilinse.

Musa kelimulla Tur dagdan gaýda,
Ol garyp odunça rysk hakda aýda,
Pygamber uzak ýyl şerigat ýörde,
Hak bilen ybadat ýollar bolunsa.

Nije ýyldan soňra Musa pygamber,
Garyp odynçynyň ýurdundanöter,
Gördi ajap saraý gurulmyş hatar,

Sorapidäp görüphaýran galynsa.

Bu ne hikmet ne ahwalu bolunan,
Hakdan bu rysk işi anyk bilinen,
Bu köşk saraýlar neden salynan,
Diýip Musa kelim sowal alynsa.

Diýdi garyp kärim odun ýygmakda,
Bir gün bir agaja palta salmakda,
Agyr altyn huny tapdym sandykda,
Bu saraý baýlyklar şondan bilinse.

Musa kelimulla Haka zikir edip,
Allanyň raýyna Tur daga gidip,
Garyp odunçynyň hikmeti nädip,
Diýip Alla sorag sowal salynsa.

Alla diýdi Mysa sen bir pygamber,
Güýjim ygtyýarym bol diýsem ýeter,
Bidin, bihabar hiç bolunmaz hatar,
Ol garyp çopanyň rysky syrlansa.

Ol garyp odunçyň ryskdan iýmegin,
Bir odun hasaba bermiş diýmegim,
Peýnir bilen çörekhoşyna goýmagym,
Kysmat rysgy şoldyr,barsaň görülse.

Ol saraý baýlygy garyp odunçyň,
Ogul perzendiniň rysgy dadymçyň,
Ömüri gysga, mülki uzyn ädimçiň,
Diýip Hak Musaga syrlar berilse.

Musa kelimulla Tur dagdan gaýda,
Pygamber üç güni köşgu saraýda,
Garyp odunçynyň myhmany toýda,
Nygmaty peýnirdir çörek bolunsa.

Bir uly baýlyga mülk maladolan,
Bu ene goýunyň süýdi bal bilen,

Bu tohym goç süräbereket salan,
Diýip mal mülküne dözmez bilinse.

Musa kelimulla Taňra hamd ede,
Bu syra aň ede, kelam gör pyda,
Köp ýyldan ýene ol oduncy geda,
Pygamber öňünde peýda bolunsa.

Musa pygambere oduncy garyp,
Göz ýaşyn sil etdi,biwepa tyryp,
Alaman mülkümi köýdürdi syryp,
Oglum öldi diýip zar har galynsa.

Musa kelimulla sessiz sedasyz,
Oduncy ýygyldy şol käre malsyz,
Elinde ýüp palta peýniri nansyz,
Alla özüň ýalka döwletsalynsa.

Adam ogly ömrüň misli bir güldir,
Gül açylan çagy müşk ysyň bildir,
Ýapragyn dökende ýalaňaç süldir,
Seniň zamanaňda kokyň duýulsa.

* * *

Musa kelimulla döwri zamana,
Amyl atly täjir kast bolunan jana,
Ol dogan gardaşy galypdy gana,
Pul üçin, mal üçin zulum kylynsa.

Amylnyň hossary, ýakyn hem daşy,
Bu ölüm gan üçin köp azap işi,
Ol zalym, gany hor nä mälim kişi,
Bilinmekde Haka doga salynsa.

Musa kelimulla bardylar sary,
Diýdiler Allahdan doga et häli,
Ölüme kast eýlän bilinsin bary,
Hakdan rowa boldy ajap bilinse.

Alla gudrat üçin ene sygyryny,
Halallamak hakda berip emrini,
Ol halaýyk bozmuş kelam sabryny,
Bu sygyr altyndan altyn bolunsa.

Diýdiler ol sygyr niçe ýaş boluna,
Diýdiler agramy niçe daş biline,
Ýenede diýdiler şah, guýruk, tiline,
Gözi, gulagy, syry, reňki salynsa.

Alla bu sygyra syr salyp dolup,
Uzak ýyl içinde gür boldy galyp,
Ahyry altyn reň toýnak şah bolup,
Owalda ahyrda bolmaz bilinse.

Soraglaý soraglaý gözläp gezildi,
Şahyndan toýnagy hakda ýazyldy,
Ene sygyr gysga uzyn düzüldi,
Allah sadalykda yşgyn goýulsa.

Ene sygyr gözleý gözleý soralyp,
Israýylu kowumyň syry sargalyp,
Tapyldy altyn der sygyry aralyp,
Şahyndan toýnagyna altyn berilse.

Öli til açyban kasty hakynda,
Dogan oglanynyň ismi hatynda,
Gan eden agyr ölüm atynda,
Kuran kelamynda aýat bolunsa.

Alla ne isleýir adamzat gör ne,
Sadalyk sahylyk söýülmiş beýle,
Haku päli pesni eý gördi her ne,
Sadadan ýagşylyk işler kylynsa.

Adam ogly gedem pälden bozular,
Men menlikden kim utuşda geziler,
Pälin bozan pälden tapar ýazylar,
Ýeke Allah hökümi adyl bolunsa.

* * *

Bu rowaýat Allaň sadyk çopany,
Musa kelimulla ejiz kör many,
Allanyň işinde ne dogry pany,
Haýyry, şeri özi takyk bilinse.

Bir gün çöl ýolynda Musa pygamber,
Bir çopan deňinden ýetende habar,
Öňünde tagamy sydyk edipnazar,
Gol salyp, ýüz urup syrdaş bolunsa.

Allaha ýüzbe ýüz bolunyp sary,
Haky çagyrýardy tagama nary,
Diýdi bir pursatlyk gelsediň bäri,
Saç sakalyň tämizläp tozy ýuwulsa.

Musa kelimulla am çopan diýip,
Gahar gazabyndan jigerin soýyp,
Alla nurdyr, päkdir, biz guly saýyp,
Rysk Subhan Hakdyrneden berilse.

Arşy, kürsi, älemleri, aý-güni,
Ynsy, jynsy, dagy, düzi hem suwy,
Haýwan mahluklary nepesiň demi,
Nur jemaly köýdir yşy görünse.

Musa kelimulla Hak ylymyn ede,
Ol am çopanyna gaharyn ýörde,
Allahyň ýolunda ýol ede gaýda,
Jebraýyl melegi uçuban gelinse.

Jebraýyl melegi Musa pygamber,
Çopan Allaň dosty ynjytdyň diýer,
Hak buýrugyn tutup ýetiş ber habar,
Ötünç sora diýdi perman berilse.

Ol çopanyň yhlas, imany päkdi,
Alla dergähinde tämizdi, täkdi,

Ybadat ygrary uzakdy, hakdy,
Diýilip pygamberesala salynsa

Bu ne hikmet adam ogly aň eýle,
Alla sada sydky söýmişdir beýle,
Ybadatda her kes bolunsa şeýle,
Şerbeti süýjidir kabul kylynsa.

* * *

Bukyssa rowaýat ol Karun hakda,
Karunyň mal mülki baýlygy çakda,
Musa zamanda bolunan hatda,
Karun nebisi leýim husyt bolunsa.

Karun şa Faraon hyzmatkär guly,
Nili geçip Israýyl kowumynda ili,
Azat erkin galdy dür hasap maly,
Karun baýlygyna zerler salynsa.

Musa kelimulla bir gün bir geda,
Dileg eden bir nan iýmäge seda,
Hiç berere zatsyz pygamber juda,
Diýdi dag daş saňa altyn bolunsa.

Bu ahwaly gören Karun gedadan,
Soraşdy pygamber jogabyn dadan,
Gedaý ol Karuna bu daşlar näden,
Altyn bolup biliner diýip soralsa.

Karun hile kylyban gedaý işine,
Nan berdi iýdirdi göwün hoşuna,
Musa göwnüň üçin ýoksuz aşyna,
Sadakadan gaçmyş diýipsürünse.

Ýalan sözler bilen hoş edip Karun,
Dag daşyn eredip altyn zer naryn,
Pygamber sözüne dag daşlar zaryn,
Kyrk öýi dolduryp baýlyk guransa.

Kyrk öýi altyn zer kyrk şäher rysgy,
Baýlyga göz urulan ol Karun yşgy,
Musa pygambere ylym ede müşgi,
Pygambere mynajat işler salynsa.

Alla emri ol Karuna mal zekat,
Karun diýe mal mülküme ne jehat,
Alla mätäçmidir bu mülke rahat,
Salgyt salyp nüçin näler bolunsa.

Allanyň hökümin terk eden Karun,
Musa Hakdan aldy ýer ygtyýaryn,
Ýere emrin berdi Karunyň ýaryn,
Çeke çeke Karun ýere çökilse.

Karun diýdi mülke göz uran Musa,
Pygamber göterip jan golda hasa,
Ýere emr eýledi mülke hem başa,
Karuny ýer çeksin diýibän üzülse.

Karun maly mülki ýer bile ýegsan,
Kyrk şähri gyzyla dolduran ne jan,
Adam ogly mala baglansa her san,
Hasap dogry galmaz nesip kylynsa.

Eý adamzat sen panyda bäş günüň,
Mülküň ýa nesipdir ertire daňyň,
Ybadat imanyň päk bolsun seniň,
Sen eýäňe takwaň şüküriň bolunsa.

Alla hiç ne gula agyr hem hapa,
Işin amal etmez permanlar ýapa,
Sada gulluk islär süýjilik sapa,
Berlen ömre wepa ygrar salynsa.

* * *

Şeýtan bir gün Musa kelim ýanyna,
Ahmyr salyp gamhijranyjanyna,

AllahnyňkeremiIblisraýyna,
Toba etse kabul bormygörünse.

Alla rehmetinden paý islän şeýtan,
Imandan, ygrardan, wepadan her ýan,
Wada bolupynsa, jynsa dost saýan,
Alla huzurynda ne iş bolunsa.

Alla Musa diýdi ol şeýtan haly,
Tobasy kabyldyr ýeke şert häli,
Adam Ataň mazaryna birýoly,
Sejde etse diýip habar salynsa.

Şeýtan diýdi gahar gazap toz edip,
Men Adamy diri wagty göz edip,
Sejde edinmedim, indi söz edip,
Hiç asla sejdede bolman diýilse.

Adam ogly bu syr ne bolar many,
Görüň, eşidiň, biliň şeýtanyňmüýni,
Atamyz Adama duşmandyr syny,
Sen dostu duşmanyň tana, bilinse.

* * *

Musa pygamberiň rowaýatyndan,
Bu waka pygamber mynajatyndan,
Alla dosty Hydyr salam niýetinden,
Mejmeýil-Bahreýniň çägi görülse.

Mejmeýil-Bahreýin ol iki derýa,
Ajy, süýji suwa goşulmaz herýa,
Alla kelam etdi suw akar syrýa,
Kim biler bu syry ylymybilinse.

Musa kelimulla dag-düz dereden,
Uzak ýoly geçip menzil aradan,
Hydyr aleýhisalam syr kelam eden,
Ne syrlar bolundy kyssa ýazylsa.

Duşdylar kenarda Hak yşgu şirler,
Kenary geçdiler gaýykda syrlar,
Ol gaýykny deşip bi hasap harlar,
Musa kelimulla gazap bolunsa.

Soňra ýoldaş bola bir ýer bardylar,
Çagajyklar misli çemen güldüler,
Bir çaga oglanygana goýdular,
Hezreti Hydyrdan bu iş salynsa.

Ýene bir obaga myhman bolundy,
Hiç kes myhman alynmaýa zyňyndy,
Aç suwsyz obada sermez galyndy,
Bir ýykyla diwary örmüş bilinse.

Ýene bir obaga myhman boluban,
Bir garry eneden tagam doýyban,
Iýdiler hoş bolup ajap duýyban,
Bir geçiň bar, böri iýsin diýilse.

Ýene bir obaga myhman boldylar,
Ussaçy ojakda şol gün galdylar,
Ne hezzet, ne tagam, yzzat aldylar,
Malyň zyýat bolsun diýip dilense.

Musa kelimulla, Hezreti Hydyr,
Diýdi bu işlerde ne many gadyr,
Ölüm, zulum, ol yzzata ne hödür,
Bu ara kesilse ýollar galynsa.

Hezreti ol Hydyr Musa kelime,
Bu işleriň syryn bil sen keleme,
Ylym bu deňizdir, sen ol ylyma,
Bir damja deý ylymyň wysal bolunsa.

Hezreti ol Hydyr gür açdy many,
Ol gaýyk on kişiň mydary maly,
Bir zalym patyşa ol güni päli,
Kenar gaýyklaryn syryp alynsa.

Ölüme salynan ol çaga kysmat,
Nä hak gan döküljek syry amanat,
Atasy musulman, enesi talahy hat,
Ogly ogry, kepil bolynan bilinse.

Ol diwar astynda bir hun ýatyrdy,
Hun eýesi ölen, tereke otyrdy,
Ol obany haram kişiler ötürdi,
Iki çagaň rysgy diýibän dolunsa.

Myhman alan garry ene imanda,
Alla yşgy päkdi,nebsi gumanda,
Ol geçi hem ýalançyda zamanda,
Imana ser salyp mydar kylynsa.

Ol husyt ussanyň dünýä işine,
Barha yşgy düşen pany hoşyna,
Imandan daş bolup kişi aşyna,
Mal mülki nesipde näler bolunsa.

Musa kelimulla Hezreti Hydyr,
Bir wysaly ýola bolundy gadyr,
Hezreti Hydyra Allah emr eder,
Her iş syrlaryna haýyr salynsa.

Adam ogly sen göreniň bilersiň,
Syr älemde köp iş niçikduýarsyň,
Sagu solu egniňdäkin goýarsyň,
Aklyň ejiz,imandan bolýörülse.

* * *

Musa kelimulla ymmat raýynda,
Harun pygamberi Hakyň ýolunda,
Ol Hezreti Hydyr Alla oýynda,
Bakylyk çeşme suw içmiş bolunsa.

Harun pygamberu hoşlykda bile,
Bu pany dünýädenýüz öwürip güne,

Ezraýyl göterdi ol ruhun güle,
Musa kelimulla darlyk kylynsa.

Musa kelimulla ymmat mülküne,
Töwrady bagyş ede Jöhit halkyna,
Ömri tamam boldy kysmat hakyna,
Ezraýyl Hak salam habar salynsa.

Musa kelimulla hamd ede Haka,
Ogul-gyz amanat tabşyryp Ýekä,
Hak Alla Musaga gol hasaň çeke,
Deňize göndermek emri kylynsa.

Musa kelimulla syrdaş hasasyn,
Deňize gönderdi pikru hasabyn,
Deňiz içre ýatan ol daş wysalyn,
Agyr daş içinde bir gurt bolunsa.

Ol gurtnyň agzynda gök otny iýe,
Bu gurt hamd eýledi hoşlygym diýe,
Alla kepil boldy bu daşdan gyýa,
Günbe gün nygmat Hakdan berilse.

Musa kelimullaň darygan göwnün,
Karar tapdy,mydarsyzdaňylan düwnün,
Bir ýolda dört kişi Musanyň gabryn,
Melekler taýýardy gabyra salynsa.

Musa kelimulla pany dünýeden,
Ömri tamam bolyp bakyýe giden,
Bu amanat teni, gara gum neden,
Allanyň dostlaryna süýji dözülse.

Bu dünýä bir köne ötegçi saraý,
Gelen göç içinde nobatda duraý,
Malu mülkden jana ýetişmez haraý,
Imandan gaýrysy syrdaş görünse.

Eý adam sen görä nije geçenler,

Pygamberler, patyşalar, erenler,
Dünýä mende diýip arlan gedemler,
Hiç kes galmaz nobat müddet salynsa.

* * *

Daniýal pygamberden bu kyssa zaman,
Kapyrlar zulum ede,haksyzlyk ýaman,
Şeýtan ylymyndan butparaz iman,
Haramlyk,nahak gan päller bolunsa.

Ýüz ýyl bu ülkede halku halaýyk,
ImanyHakdandykelam Allahlyk,
Şeýtan hile eýläpşirk buta laýyk,
Şer şerbetden serhoş güne galynsa.

Ol zamanda bu il halkyň şasyna,
Taýfur şa tagytda meýlis hoşyna,
Daniýal pygamber Allah işine,
Allany bir bilmek ýoly salynsa.

Hiç kes pygambere rowa bermedi,
Alla Jebraýyldan hökümin sargady,
Ölüm, zulum, ezýet owal bolmady,
Ölüm, zulum, ezýet salynar bilinse.

Ölüm şerbetine gönderilen janlar,
Aýralyk depgiýe gandyrylan hallar,
Tenler ot içinde, but paraz päller,
Daniýal pygamberden sebäp görülse.

Ol Taýfur patyşa ölümden gorka,
Sakçy goşun goýdy giň köşkde darka,
Ezraýyl melegi bir gün ynys görke,
Taýfur patyşaýa söhbet bolunsa.

Ol Taýfur patyşa gorkudan çaşa,
Köşgüň sakçylaryn ölüm ede başa,
Berkden berk edibän goragyn daşa,

Müddet güni Taýfur jany alynsa.

Halk bu ölüm işi Daniýal pygamber,
Etmiş bilip ganyn dökdüler her ýer,
Pygamber şehitlik ýolunda ser ber,
Daniýal pygamber şehit bolynsa.

Alla gahar gazabyndan bir mary,
Zulumuny gönderdi ölüm ede bary,
Niçe müň ynsanyň döküldi gany,
Bu ülkäň ýurdyna tozan sowrulsa.

Sen nije ýaşasaň ahyry ölüm,
Ahlagyň, päkligiňşaýady ilim,
Haramlyk ömrüňe ýetirer zulum,
Her ýol ýoldaşyňdyr aman görünse.

Adam ogly nähak ynjytsaň başy,
Tiliňe, erkiňe zulum etseň daşy,
Alla mejlisinde ne jogapişi,
Bihasap, soragsyz galmaz bolunsa.

* * *

Bu rowaýat Eşmuýyl pygamber halyl,
Kurany kerimde aýatlar delil,
Musa pygamberiň ymmaty, kepil,
Talut patyşalyk döwri bolunsa.

Musa kelimullaň ymmaty Hakdan,
Eşmuýyl pygamberilinduzakdan,
Imany Hak patyşalyk tagytdan,
Dileg doga edilenzaman görünse.

Alla Jebraýyldansyr boýy gamyş,
Patyşalyk kelam bolyndy myş myş,
Ol sygyr çopany Talut boý kümüş,
Tagta hökümdarlyk wekil bolunsa.

Talut Hak emrine zikrin baglaýyp,

Niji şäher ýurdy Haka gönleýip,
Alla ýolda yhlas ygrar baglaýyp,
Talup patyşalyk il-ýurt dolunsa.

Ol zamanda Jalut patyşaň hökümi,
Hiç bir garşydaşy, güýji, häkimi,
Hökümdar permany ýer ýüze demi,
Gündogardan günbatara salynsa.

Ol Jalut patyşa bir aždar döwdi,
Garşydaş goşunyň ärlerin serdi,
Jalut ol Talutahüjüme ýördi,
Eşmuýyl Taluta doga kylynsa.

Alla Jebraýyldan bir ýaryk geýim,
Işag ogly hakda habarda boýym,
Ol Işak on ogly, Dawutdy söýim,
Bu ýaryk Dawuda jemal bolunsa.

Dawut Jalut bile aly meýdanda,
Sapana daş salyp urdy seýranda,
Jalutnyň maňlaýy syzdy haýranda,
Aždary döw boýly jandan üzülse.

Talut Eşmuýyldan patalyk ala,
Ol Jalut patyşaň goşunyn gyra,
Ýüz ýetmiş är bile gyrgyna sala,
Bu Allanyň işi melegi dökülse.

Jalut kapyr ol goşuny toz bola,
Talut hökümdarlyk tagtyna dola,
Pygamber Eşmuýyl ilçilik kyla,
Alla hoşluk bilip köp ýyl gezilse.

Talut wadasynda gyzy hem baýlyk,
Dawuda nesibe boldy şa gullyk,
Talut patyşanyň mal mülki bollyk,
Dawut pygambere nesip bolynsa.

Nebis küýseg adam ynsy bozdura,
Dünýe maly gedem päliňazdyra,
Talutny patyşa hökümi gyzdyra,
Alla ol Dawutny tagta salynsa.

Alla islän guluna täç tagt dolaýyp,
Islän guldandöwlet tagtynyalyp,
Hiç kes baky däldir, ötegçi aýyp,
Bu gürrüň her kese many bilinse.

Adam ogly Hakyň dogry hasabyn,
Özi mälim biler, ne kylsa tabyn,
Bol diýmek permana hököm azabyn,
Häkimlik Allaha ýaraşar bolunsa.

* * *

Bu rowaýat döwri Dawut pygamber,
Talut şa tagtyna halyl hökümi biýr,
Çopanlykdan patyşalyk täç eýir,
Zamanasy nedir biliner bolunsa.

Dawut pygamberini söýüp syr berip,
Zebury bagyş etdi, aýatlarsalyp,
Hoşowaz, äheňgir, şerigat bolyp,
Adyl hökümdardyril-halk söýülse.

Dawut pygamberiň hökümi dana,
Patyşalyk rysgy bolluk zamana,
Pygamber golunda demir amana,
Gylyç-hanjar işi käribolunsa.

Hezreti Dawudyň adyl hökümi,
Pygamber eýesi hoşluk häkimi,
Şaýtan bu hoşlyga ýaman ylymy,
Dawut yşk şerbeti duzak salynsa.

Bu yşykda aşyklyk Urýan aýaly,
Bitşänik yşgyna är dökülip gany,

Dawut höküminde ol esger jany,
Gara ýerde mazar guma garylsa.

Nije ýyllar Dawut ýazyk içinde,
Togsan dokuz nika hüýrler başynda,
Bitşänik yşgynda serhoş daşynda,
Günäler göz ýaşa syrdaş bolunsa.

Alla rehmetindenpygamber dony,
Dawuda Bitşänik nikahda syny,
Süleýman perzendi alymlyk küýni,
Hezreti Dawuda hoşluk salynsa.

Adam ogly bu ömürde ýan päliň,
Allah mejlisinde soraljak halyň,
Hem bu dünýä, hem ol dünýä azabyň,
Ýeke başa agyr ýollar salynsa.

* * *

Hezreti Dawudyň hökümi zamany,
Ymmaty arz etdi ylymdan many,
Ahyrýet, kyýamat soraglar müýni,
Gapyl iman bu ahwala dolunsa.

Şol zamana Raýys atly bir baýyň,
Altyn zer bezelen şa öküzi aýyň,
Bir gün tüýsiz giden, ýerinde oýyň,
Gözlene, yzlana öküz soýulsa.

Hakyň emri bilen til açyp öküz,
Bir derwiş hatyna ser salyp dokuz,
Diýdi Alla emri Hakdan malyňyz,
Men siziň hakyňyz halal bolunsa.

Ol derwiş aýalyň päk halal ogly,
Öküzi halallap iýmişler dogry,
Öküz dersin tapan, derwişu ogry,
Ilden zulum azapsütem salynsa.

Dawut pygambere bu iş hökümi,
Derwiş ene-ogul halal akymy,
Ene-ogul diýdi Hakdan hakymy,
Öküz til içinde söhbet kylynsa.

Öküz diýdi mal eýesi siz bolar,
Diýip Alla adyn kelama salar,
Sen Dawut Allanyň resuly biler,
Haku nähak işe höküm berilse.

Hezreti Dawudyň dileg dogasy,
Derwiş ene-ogluň ata kazasy,
Mülk eýesi ol Raýysyň mazasy,
Müsür Şam ýolunda gany dökülse.

Dawut pygambere aýan bolundy,
Raýys gana galyp mülke dolyndy,
Ol Raýys bu işni töhmet bilindi,
Alla emri bilen tenler gyýylsa.

Raýysnyň gollary şaýatlyk kylyp,
Men bile tutup sen jepaýa salyp,
Gulaklargam nala eşitdim duýup,
Aýak diýdi uruban janyn alynsa.

Bu işleri gören Dawut ymmaty,
Ahyrýetde nedir hasap gymmaty,
El-aýak, göz-gulak şaýatlyk haty,
Kepili bolynar, tene dözülse.

Adam ogly hasap güni doganda,
El-aýak, göz-gulak şaýat bolanda,
Günä işler saňa duşman duranda,
Ýaragsyz goragsyz ne bor bilinse.

* * *

Dawud pygamberiň zamanasynda,
Bir zenan arz etdi Allaha synda,

Men ejiz biçäre balalam kynda,
Günüm agyr halym keçdir bilinse.

Zenan diýdi “eý pygamber Hak dosty,
Allah adylmydyr, ejize kasty,
Naçar halda derdin paralap kesti,
Ol günki wakadan habar salynsa.

Zenan diýdi “men garyp hem biçäre,
Balalarym ejiz, ýok mende para,
Bir lokma nan diýe ýördüm bazara,
Elimde bir mata söwdambolynsa.

Bir guş peýda boldy kastlyk eýleýip,
Satlyk ol matamny alyp neýleýip,
Galdym men bialaç nansyz aglaýyp,
Alla adylmydyr diýibän syzylsa.

Dawut pygamberden ne ses ne seda,
Bu agyr ahwala ejizläp juda,
Şol pursat iki san täçirler peýda,
Huzura çykyban söwbet alynsa.

Ol iki täjiriň golunda para,
Altyny dökdüler diýdiler nara,
Biz ötegçi geldik ummandan ara,
Ýolda umman içre harasat salynsa.

Ýel harasat gämä urdy suw bile,
Gaýyknyň matasy ýyrtyldy sile,
Ölüm haýbatyndan gorkuldy küle,
Alla doga boldy, syrlar bilinse.

Allaha gol erinip doga eýlendi,
Asmandan bir guşyň ýoly saýlandy,
Agzynda horjuny gämä aýlandy,
Horjunda matalyk puruç bolunsa.

Ol matany gaýyk tyra dikdiler,

Suwdan halas galyp, menzil çykdylar,
Dawut pygambere gür syr çekdiler,
Alla gutrat ede bolunan bilinse.

Dawut ol zenana syrdan ýüz urdy,
Alla adylmydyr diýibän söz erdi,
Ol günki sadakaň barjasyn serdi,
Zenan toba eýläp, şüküri kylynsa.

Adam ogly gör Allanyň işine,
Her neden habardar sadyk hoşuna,
Kadyr Subhan mätäç gul men aşyňa,
Özüň Kerem eýle rysklar dolunsa.

* * *

Hezreti Dawutdan tagtmiras many,
Jebraýyl melegi bäş sorag sany,
Pygamber ogullar synagda syny,
Tagta miras düşer ogul salynsa.

Şerim-haýa ynsan neden saýylar,
Muhabbet söýgüsi niçik duýylar,
Akylda, imanda ne yş söýüler,
Kuwwatyň mydary zehin bilinse.

Iman köňül içre ýalyndyr göýä,
Şerim-haýa gözde mäkämdir saýa,
Muhabbet köňüliň nogtasy diýe,
Akyl başda, kuwwat süňkde görünse.

Ogullar içinde Süleýman salyh,
Akyl, ylymy röwşen ol ussat fatyh,
Alla bu isime ýazdyrdy taryh,
Süleýman Dawuda miras bolunsa.

Adam ogly sen bilermiň bu syrny,
Hak öz eli bilen pygember barny,
Bar eýlegen owal-ahyr şalaryny,

Kysmata ýazylsa hökümiň bolunsa.

* * *

Süleýman Allanyň resul habyby,
Dawut pygamberiň miras halyly,
Ynsu, jynsu hemu haýwan emiri,
Süleýman soltanlar şasy bilinse.

Ýer ýüzüniň älem soltany bolan,
Döwleri dag daşa hyzmata salan,
Hüýr periler altyn geýimler bilen,
Guşlar saýa bolup her ne gezilse.

Şemal saýasynda kürsi gezdiren,
Goşunyn ýel arka asman düzdüren,
Bir aýlyk menzili bir gün syzdyran,
Hyzmatynda ynsan jynlar bolunsa.

Iki ýüz weziri, ýigirmi müň döwi,
Ýigirmi bäş müň alym ylymy suwy,
Ýigirmi bäş müň jynlar olaryň syry,
Gündogar günbatar hökümi berilse.

Üç ýüz nika aýal, ýedi ýüz keniz,
Müň öýi altyn zer dür akar tämiz,
Owalda ahyrda bolynmaz heniz,
Soltanlyk baýlygyň rysgy goşulsa.

Adam ogly rysgu, mülkiň-baýlygyň,
Hasabyn bilmersiň ertä raýlygyň,
Erkiň, pikriň, döreden azap aýlygyň,
Hakdan bar bolajak, çakyň galynsa.

* * *

Süleýman pygamber zamanasynda,
Ylym şerbetkök uranýer synasynda,
Barça işler bolunan demsanysynda,
Aň akylejizdir, ylymybilinse.

Süleýman habybyň kürsüsi hakda,
Sahr perizadyň ylymyndantakwa,
Jöwher, altyn, kümüş dür zerihatda,
Algyrdan, arslandan, şirdensalynsa.

Soltan kürsüsine salynan algyr guş,
Süleýmana ganat açyp bolmuş hoş,
Arslan şirler müşkin seçip anwar yş,
Süleýmana bu kürs nesip bolunsa.

Adam ogly gör sen zaman salynan,
Süleýman tagt üsti hökümi bilenen,
Ynslar, jynslar, döwler tabyn bolunan,
Alla emre perman salsa bilinse.

* * *

Süleýman Taýife goşuny haýýat,
Bu rowaýat Kuran kerimde aýat,
Garynjalar şasy Menzerä şaýat,
Süleýman Menzere söhbet bolunsa.

Menzere sorady dünýäň hasabyn,
Süleýmanyň tagty mülku hesibin,
Berlen dony geýmeklige nesibin,
Alladan rysgyňa hasap ýazylsa.

Menzere Süleýman goşuny bilen,
Üç gün myhman aldy aşyna salan,
Ajap haýran bola Süleýman diýen,
Bu ne ahwal garynja many görünse.

Dowamy bar >> Poemalar